# HALK KALENDARLARY




**ÝYL BAŞY SYÇAN, SYGYR, BARS, TOWŞAN, LUW, ÝYLAN,**
**ÝYLKY, KOÝ (GOÝUN), BIJIN, TAKYK, IT, DOŇUZ BOLDY TAMAM.**

*MAGTYMGULY.*

*Ýyldyz kalendary — has ýagty ýyldyzlaryň dogýan we ýaşýan senelerine esaslanan. Ýylda 365 gün bolup, ýyldyz döwürlerindäki günleriň sany dürlüdir.*

## NAKYLLAR

- Üçýyldyzda tün sowar, Ýaldyrakda — Gün.
- Ýaldyragyň ýangyny, Üçýyldyzyň galgyny.
- Akrap geler gygyryp, ýel-ýagmyryn çagyryp.
- Ülker ýaşdy — gyş, dogdy — tomus.
- Uly çillede ganam bolsaň dynma, kiçi çillede balam bolsaň damma.
- Ýyl gelşi Nowruzyndan, ýar gelşi sowgadyndan belli.

# ÝYLDYZ KALENDARY

| Döwürler | Milady senesi |
|---|---|
| Nowruz | 21 mart - 11 aprel |
| Ülker | 12 aprel - 21 iýun |
| Aralyk | 22 iýun - 21 iýul |
| Üçýyldyz | 22 iýul - 11 awgust |
| Ýaldyrak | 12 awgust - 22 sentýabr |
| Mizan | 23 sentýabr - 22 oktýabr |
| Akrap | 23 oktýabr - 21 noýabr |
| Garagyş | 22 noýabr - 7 dekabr |
| Uly çille | 8 dekabr - 17 ýanwar |
| Kiçi çille | 18 ýanwar - 7 fewral |
| Ahyrky garagyş | 8 fewral - 22 fewral |
| Çarwa nowruzy | 23 fewral - 20 mart |

# ÝYLDYZ NIREDE?

*Her bir hijri-kamary aýynda:*

1, 11, 21-ne gündogarda;

2, 12, 22-sine günorta-gündogarda (guşlukda);

3, 13, 23-ne günortada (ileride);

4, 14, 24-ne günorta-günbatarda (kyblada);

5, 15, 25-ne günbatarda;

6, 16, 26-syna demirgazyk-günbatarda;

7, 17, 27-sine demirgazykda (gaýrada);

8, 18, 28-ne demirgazyk-gündogarda;

9, 19, 29-na ýerde;

10, 20, 30-na asmanda (ýokarda).

***Degişli senelerde ÝYLDYZ şol taraplarda bolýar, oňa tarap gitmek BISÄHET hasaplanýar.***